## 1513 A. R. Hallyýew hakynda

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 53-nji maddasynyň 12-nji bölümine laýyklykda, **karar edýärin:**

**Amanmyrat Rejepmyradowiç Hallyýewi** Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy wezipesine belläp, ony Türkmenistanyň Baş prokurorynyň birinji orunbasary wezipesinden boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. oktýabr aýynyň 04-i.*
*№ PP-5863*

* * *

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

## 1514 A. R. Hallyýew hakynda

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 53-nji maddasynyň 11-nji bölegine laýyklykda, **karar edýärin:**

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy **Amanmyrat Rejepmyradowiç Hallyýewe** 4-nji hünär derejesini bermeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. oktýabr aýynyň 04-i.*
*№ PP-5864*



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

## 1515 Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllyk şanly baýramy mynasybetli hormatly atlary dakmak hakynda

Ösüşleriň täze döwrüne gadam basan hemişelik Bitarap Watanymyzda Garaşsyzlygyň geçen 20 ýylynyň içinde sazlaşykly ösýän ykdysady-durmuş ulgamy döredilip, ägirt uly özgertmeler amala aşyryldy we ýurdumyzyň dünýä ykdysady bileleşigine ygtybarly goşulmagy gazanyldy hem-de ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanmagy üpjün edildi. Munuň özi ýurdumyzyň ruhy-medeni ösüşinde belent derejelere göterilmegine hem giň mümkinçilikleri döretdi. Diýarymyzyň gözel keşbi has-da özgerip, jemgyýetimiziň dürli gatlaklarynda ajaýyp sazlaşyk, raýatlarymyzyň aňynda bolsa ruhy galkynyş emele geldi.

Ak mermere beslenen gözel paýtagtymyzda we ýurdumyzyň welaýatlarynda binagärlik sungatynyň naýbaşy eserlerine öwrülen medeni maksatly binalaryň hem-de desgalaryň yzygiderli gurulmagy we ulanmaga berilmegi türkmen medeniýetiniň we sungatynyň has-da gülläp ösmeginiň binýadyny üpjün etdi. Bu bolsa dünýäniň dürli döwletleri bilen ysnyşykly medeni gatnaşyklary ýola goýup, baý medeni mirasymyzyň, milli aýratynlyklarymyzyň giňden wagyz edilmegine uly itergi berdi.

Täze galkynyş zamanasynda türkmen medeniýetiniň, edebiýatynyň, teatr, saz, kino hem-de şekillendiriş sungatynyň, teleradioýaýlymlaryň, žurnalistikanyň, neşirýat işiniň we beýleki medeni aň-bilim ulgamlarynyň, bilimiň ösmegine we ýaş nesli terbiýelemäge, ilhalar eserleri döredip, milli medeniýetimiziň has-da kämilleşmegine goşan saldamly goşantlary üçin we ýokary ýerine ýetirijilik hem-de çeperçilik ussatlygy bilen döwletimiziň we halkymyzyň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlaryny, uzak ýyllaryň dowamynda çeken halal, tutanýerli zähmetini nazara alyp, şeýle hem hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllyk şanly baýramy mynasybetli, **karar edýärin:**

Ýurdumyzyň şu raýatlaryna Türkmenistanyň hormatly atlaryny dakmaly:

### «Türkmenistanyň halk artisti» diýen hormatly ady:

Türkmen döwlet medeniýet institutynyň Kino we teleradio sungatlary kafedrasynyň mugallymy **Ilmyrat Nazarowiç Bekmiýewe,**

Türkmenistanyň Alp Arslan adyndaky milli ýaşlar teatrynyň artisti **Haýtmyrat Kakyşowiç Durdyýewe,**

Mary welaýatynyň Kemine adyndaky döwlet drama teatrynyň artisti **Gerek Omarowa;**

**«Türkmenistanyň halk suratkeşi» diýen hormatly ady:**

Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň Nakgaşçylyk we taslama kafedrasynyň mugallymy **Babageldi Owganowa,**

Türkmenistanyň Suratkeşler birleşiginiň agzasy, erkin suratkeş **Jumadurdy Amandurdyýewe,**

Türkmenistanyň Suratkeşler birleşiginiň agzasy, erkin suratkeş **Garataý Begjanowa,**

Türkmenistanyň Suratkeşler birleşiginiň agzasy, erkin suratkeş **Annageldi Haýdarowiç Kulyýewe,**

Türkmenistanyň Suratkeşler birleşiginiň agzasy, erkin suratkeş **Annadurdy Myradalyýewe,**

Türkmenistanyň Suratkeşler birleşiginiň agzasy, erkin suratkeş **Wladimir Ýakowlewiç Pawloskä;**

**«Türkmenistanyň halk bagşysy» diýen hormatly ady:**

pensioner, bagşy **Patyşaguly Germanowa;**

**«Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri» diýen hormatly ady:**

Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrliginiň Okuw mekdepleri, muzeýler we kitaphanalar bölüminiň baş hünärmeni **Annaberdi Annamyradowa,**

Türkmen telewideniýesiniň Baş müdirliginiň «Ýaşlyk» teleýaýlymynyň Terjime bölüminiň diktory **Bäşim Gurbanowa,**

Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň başlygynyň orunbasary **Ýazmyrat Şadurdyýewe,**

Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň redaktory **Gapbarguly Ballyýewiç Hümmedowa,**

Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrliginiň Taryhy we medeni ýadygärlikleri goramak, öwrenmek hem-de rejelemek baradaky Milli müdirliginiň başlygy **Muhametdurdy Mamedowa,**

Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrliginiň Taryhy we medeni ýadygärlikleri goramak, öwrenmek hem-de rejelemek baradaky Milli müdirliginiň «Köneürgenç» taryhy-medeni döwlet goraghanasynyň direktory **Meretgül Gurbandurdyýewna Gürjiýewa,**



Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrliginiň Taryhy we medeni ýadygärlikleri goramak, öwrenmek hem-de rejelemek baradaky Milli müdirliginiň «Abiwerd» taryhy-medeni döwlet goraghanasynyň direktory **Ahmet Halmyradowa,**

Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrliginiň Taryhy we medeni ýadygärlikleri goramak, öwrenmek hem-de rejelemek baradaky Milli müdirliginiň «Gadymy Merw» taryhy-medeni döwlet goraghanasynyň direktory **Rejepmyrat Akmyradowiç Jepbarowa,**

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Milli medeniýet merkeziniň Milli kitaphanasynyň bölümçe müdiri **Tamara Aleksandrowna Latyşewa,**

Türkmenistanyň B. Amanow adyndaky döwlet çagalar kitaphanasynyň direktory **Mähri Myradowna Myradowa,**

«Ahal durmuşy» welaýat gazetiniň habarçysy **Ata Muhammet Muhammedowa,**

Ahal welaýatynyň Kaka etrap Medeniýet bölüminiň müdiri **Durdymyrat Esenowa,**

Ahal welaýatynyň Gökdepe etrap «Gökdepe mukamlary» aýdym-saz toparynyň sazandasy **Oraztäç Atabalowna Myratberdiýewa,**

Lebap welaýat medeniýet müdirliginiň başlygynyň orunbasary **Agamyrat Soltanowa,**

Mary welaýat medeniýet müdirliginiň baş hünärmeni **Myrat Ömüre,**

Mary welaýat medeniýet müdirliginiň esasy hünärmeni **Ýazmyrat Daňatarowiç Nuryýewe,**

Mary welaýatynyň Wekilbazar etrap Medeniýet bölüminiň başlygy **Daňatar Seýitliýewe;**

**«Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly ady:**

Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky baş drama teatrynyň artisti **Döwlet Hudaýberdiýewiç Gandymowa,**

Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky baş drama teatrynyň artisti **Gözel Hažyýewa,**

Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky baş drama teatrynyň artisti **Maksatmyrat Kasymowiç Hydyrowa,**

Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky baş drama teatrynyň artisti **Aşyrmuhammet Işangulyýewe,**

Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatrynyň artisti **Baýramtäç Begmämmedowna Hojamämmedowa,**

Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatrynyň artisti **Aýsoltan Annaýarowna Kowusowa,**